# Özüni söýdüren gyza

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Özüni söýdüren gyza ÖZÜNI SÖÝDÜREN GYZA



Bizar bol ukudan, unut dünýäni,
Söýgi saña hupbat ýamanny bersin.
Ýeri saña başga näme diýeýin,
Duçar eden derdiñ alnyña barsyn.
1982.

* * *

Geçdi ýyllar, ahmyr bilen, gam bilen,
Yşkym hupbat berdi hem berdi jepa,
Şu çaka çen ganyp bilmän mähriňden,
Ötürdim ömrümi zar bolup wepa.

1982.

* * *

Şu wagta çen gyzlaň ýüzüne garap,
Owadan gözlere bolardym bendi.
Näçe jübüt gözleň oduna ýanyp,
Görküň kalpdadygna düşündim indi.

1982.

* * *

Müň kösendim, müň örtendim, müň ýandym,
Ykbalymdan nadyl boldum müň sapar,
Meger indi müň bir sapak öwrenen,
Bu serim agyry gözlegin tapar.

1982.

* * *

Tolkun atyp akyp gitdi aý-günler,
Herimizi bir kenarda galdyryp,
Gapyllykda jyda düşürdi ykbal,
Ýa-ha maňa, ýa-da saňa al berip.

Eňip barýan syryp derýa boýuny,
Akymyň ümzügi şonça-da öňe.
Eýsem goşa kenar tapyşmazmyka,
Eý, arzyly pidam, ýetmenmi saňa?!

1982.

* * *

Çaga deý begenýän günüñ doganna,
Guwanýan ilkinji saralan zamça,
Ýüregim gyýylýar susan ýaplara,
Üzüm çybygyndan syrygan damja.

Älemgoşar görsem, bökýär ýüregim,
Edähet bolupdyr göze synçylyk,
Uçup barýan durnalary göremde,
Döreýär bir ünji, gaçýar ynjalyk.

1982.

## ■ NIREDE SEN

Ömrümiñ ýaryny atardym arka
Saña duşandyryn öýdüpdim telim.
Ýöne şindi sataşmandyr ýodalar,
Nirede sen, meñ arzyly gözlegim?

Ýigitlik çagymdan gözledim seni,
Saçymyñ agyndan gözledim seni.
Eger şu wagta çen duşmadyk bolsam,
Megerem salgymdan gözledim seni.

Belki birçak ötendirin duşuñdan,
Maña gujagyñy gerensiñ telim;
Arkada galdymy ýa geljegimmiñ,
Nirede sen, nireden sen Gözlegim?!

1980.

## ■ AŞYGYÑ GYMMATY

Diýýärler: — Bir aşyk onuñ gymmaty,
Ýa diýýärler: — Aşyk agramyna zar.
Meñ üçin-ä aşyk iñ gymmatly zat —
Çagalykdan galan ýalñyz ýadygär!

1982.